# UEFA çempionlar ligasynyň geçiriliş tertibi üýtgedi

Futbolyň dünýäde iň üstünlikli we meşhur sport görnüşleriniň biri bolmagynyň sebäpleri bar. Ol duranok, ol hemişe ösüşde. Ýewropa çempionlarynyň kubogy diýlip atlandyrylýan ilkinji ýaryşyň 1955-nji ýylda geçirilip başlaly bäri, Ýewropanyň futbol assosasiýasy futbolyň, hususan-da UEFA Çempionlar ligasynyň üýtgemegi bilen bagly işleri yzygiderli dowam etdirdi we uýgunlaşdyrdy.

Toparlaryň (Klublaryň), oýunçylaryň we janköýerleriň 2024/25 möwsüminiň täze formatyndan hoşal bolmagyny üpjün etmek üçin UEFA Ýewropa futbol jemgyýetiniň esasy agzalary bilen giňişleýin geňeşler geçirdi. Iň soňky nusga, saýlama oýunlaryň shemasy we Ýewropa kubogynyň senenamasy UEFA-nyň 2021-nji ýylyň 19-njy aprelinde täze bäsdeşlik ulgamyny girizmek karary esasynda 2022-nji ýylyň 10-njy maýynda tassyklandy.
Häzirki wagtda toparçalaýyn tapgyra hersi dört agzadan ybarat bolan sekiz topara bölünen 32 topar agzalary gatnaşýar. 2024/25 möwsüminden 36 klub Çempionlar ligasynyň esasy tapgyrynda (öňki toparça tapgyry) bäsleşer. Netijede, ýene dört topara Ýewropanyň iň gowy toparlary bilen bäsleşmäge mümkinçilik beriler.
Täze nusgada toparlar umumy tapgyrda (öňki toparçadaky oýunlarda) sekiz oýun oýnarlar. Mundan beýläk her topar öýde we myhmançylykda üç garşydaş bilen jemi 6 oýun oýnamaz. Munuň ýerine, her futbol topary sekiz dürli topara garşy sekiz oýun oýnar – öýde dört we myhmançylykda dört oýun. Sekiz garşydaşyny kesgitlemek üçin toparlar ilki dört sebede bölünerler. Soňra her topar bije netijesinde her sebetden iki garşydaş alar we her sebediň toparlary bilen bir oýun öýde we bir oýun myhmançylykdada oýnar.

Umumy tapgyrdan ilkinji sekiz topar göni 1/8 finala çykar. 9-dan 24-e çenli ýer alanlar, ilkinji sekizlige goşulmak hukugy üçin goşa pleý-off oýunlaryny oýnarlar. 25-nji ýa-da ondan pes derejeli toparlar UEFA Ýewropa ligasynda ýaryşlaryny dowam etdirmezden möwsümi tamamlar.
Täze tertip boýunça ähli toparlaryň bir ýaryş tablisasynda bolmaklygy, umumy tapgyrda ähli gatnaşyjylar üçin höwes döretmäge kömek eder. Pleý-off oýnunda esasy tapgyrda 9-16-njy orny eýelänler saýlanan hasaplanar we 17-den 24-nji orunda duryan toparlaryň haýsy hem bolsa biri bilen oýnar. Saýlanan toparlar jogap pleý-off oýnuny öýünde oýnar.

Pleý-off oýunlarynyň sekiz ýeňijisi 1/8 finala çykar, şol ýerde umumy tapgyrdaky iň gowy 8 toparyň birini oýnar.
1/8 finaldan başlap, ýaryş häzirki nusga laýyklykda oýnalar. Final bir oýundan ybarat bolar we UEFA öňünden saýlajak bitarap stadionynda geçiriler.

**Resul SAHATOW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik-gurluşyk**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024

**institutynyñ talyby**

Все права защищены